Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we
derman senagaty ministriniň
2018-nji ýylyň “ 22 ” maýynda
173 belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

**Ölüm halatlaryny tassyklaýan saglygy goraýyş resminamalaryny ýöretmegiň tertibi hakyndaky Düzgünnama**

## I.Umumy düzgünler

1. Ölüm halatlaryny tassyklaýan saglygy goraýyş resminamalaryny ýöretmegiň tertibi hakyndaky Düzgünnama (mundan beýläk - Düzgünnama) Türkmenistanyň Maşgala kodeksine, “Raýatalaryň saglygynyň goralmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 2-nji iýunynda çykaran 13682-nji kararyna hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda taýýarlanyldy.
2. Türkmenistanyň Maşgala kodeksine (mundan beýläk - Kodeks) laýyklykda ölümiň döwlet tarapyndan bellige alynmagy ölen adamyň ýaşan ýerindäki ýa-da şol adamyň ölen ýerindäki raýat ýagdaýy namalarynyň ýazgysy (mundan beýläk - RÝNÝ) edaralarynda geçirilýär.

Kodekse laýyklykda welaýat hukukly şäherleriň, etraplaryň, etrap hukukly şäherleriň, şäherdäki etraplaryň häkimlikleriniň RÝNÝ bölümlerini, Geňeşleri öz içine alýan RÝNÝ edaralary adamyň öldüminiň sebäbini görkezýän ölüm hakynda resminamalaryň esasynda adamyň ölümini döwlet tarapyndan bellige almaga ygtyýarlydyr.

Adamyň ölendigi barada şol ölen adamyň garyndaşlary, onuň bilen bilelikde ýaşan adamlar, onuň goňşulary, ýaşaýyş jaý-ulanyş guramalarynyň işgärleri, ölümiň ýüze çykan ýerindäki kärhananyň administrasiýasynyň ýa-da jesedi tapan polisiýa bölümi we beýleki adamlar tarapyndan habar berilýär.

Adamyň ölen ýa-da onuň jesediniň tapylan pursatyndan ýedi senenama gününden gijä galman, onuň ölümi hakynda habar berilýär.

3. RÝNÝ edaralarynda ölümiň döwlet tarapyndan bellige alnyşyny we döwlet statistikasynda hasaba alnyşyny üpjün etmek maksady bilen, ölüm hakynda resminamalaryň ýagny, Ölüm hakynda lukmançylyk şahadatnamasynyň (106/h) (mundan beýläk – ölüm hakynda şahadatnama), Perinatal ölümi hakynda lukmançylyk şahadatnamasynyň (106-2/h) (mundan beýläk – perinatal ölüm hakynda şahadatnama) görnüşleri Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty minitrligi tarapyndan tassyklanylýar.
4. Ölüm hakynda şahadatnama ähli bejeriş-öňüni alyş edaralary, ylmy-kliniki merkezleri, şypahana edaralary, saglygy goraýyş-durmuş edaralary (maýyplar we gartaşan adamlar öýleri, çagalar öýleri), kazyýet-lukmançylyk we patologik anatomiýa edaralary (mundan beýläk – saglygy goraýyş edaralary) tarapyndan berilýär.
5. Şäherlerde, şäher we oba ýerlerindäki ilatly nokatlarda işgärleri iki lukmandan az bolmadyk saglygy goraýyş edaralarynda ölüm hakynda şahadatnama diňe lukman tarapyndan doldurylýar.

Bir lukman bolan saglygy goraýyş edaralarynda ýa-da onuň bolmadyk ýagdaýynda (zähmet rugsady, kesel bilen bagly we ş.m.), ölüm hakynda şahadatnama feldşer tarapyndan doldurylýar.

Oba ilatly nokatlarda, lukman bolmadyk saglygy goraýyş edaralarynda ölüm hakynda şahadatnama feldşerler tarapyndan doldurylýar.

Doldurylan ölüm hakynda şahadatnama saglygy goraýyş edarasynyň ýolbaşçysynyň goly we edaranyň möhri bilen tassyklanylyp berilýär.

Doglandan soň ilkinji 0-6 günüň (168 sagadyň) dowamynda çaga ölen halatynda saglygy goraýyş edaralary tarapyndan perinatal ölüm hakynda şahadatnama berilýär. "Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 57-nji maddasynyň üçünji böleginiň 5-nji bendiniň „ä" kiçi bendine laýyklykda, perinatal ölüm hakynda şahadatnama diňe autopsiýa barlagy geçirilenden soň patologik anatomiýa we kazyýet–lukmançylyk edaralary tarapyndan berilýär.

6. Şu Düzgünnamanyň talaplaryny ýerine ýetirmeklige saglygy goraýyş edaralarynyň ähli lukmanlary (feldşerleri) borçludyrlar.

## II. Ölüm hakynda şahadatnamany bermekligiň tertibi

7. Ölüm hakynda şahadatnama, onuň saglygy goraýyş edarasynda galýan bölegine gol çekdirip, öleniň maşgala agzalaryna, ýakyn garyndaşlaryna, olar bolmadyk ýagdaýynda öleniň başga garyndaşlaryna ýa-da kanuny wekiline, şeýle hem ýazmaça talapnamasy boýunça hukuk goraýjy edaralara berilýär.

Ölüm hakynda şahadatnama ýitirlen, zaýalanan, ýazgylary okap bolmaýan, goýlan möhri görünmeýän we beýleki halatlarda, şu bölegiň birinji tesiminde görkezilen şahslaryň ýazmaça arzasy esasynda ýokarky sag burçynda "Nusga" diýlen ýazgy bilen onuň öwezligi berilýär. Şunda ölen adamyň ýaşan ýerindäki, şeýle hem ölen ýerindäki RÝNÝ edarasyndan ölüm hakynda nama ýazgysy ýokdugy barada maglumat alynýar.

Jesedi saglygy goraýyş edarasyndan ölüm hakynda şahadatnamasyz bermeklige ýol berilmeýär.

Ölen adam, saglygy goraýyş edarasy tarapyndan jaýlanylan halatynda, onuň ölüm hakynda şahadatnamasyny şol edara hökmany ýagdaýda doldurýar we ony üç iş günüň dowamynda ölümiň döwlet belligine alynmagy üçin RÝNÝ edarasyna berýär.

8. Saglygy goraýyş edaralarynda hemme ölen syrkawlaryň jesetleri hökmany suratda patologoanatomik barlagyndan geçirilmelidir.

Jesetde autopsiýa barlagy geçirilen ýagdaýynda ölüm hakynda şahadatnama patologoanatom lukmany tarapyndan berilýär.

Autopsiýa äriniň (aýalynyň) ýa-da ýakyn garyndaşynyň (çagalarynyň, ata–enesiniň, perzentlige alnanlarynyň, perzentlige alanlaryň, süýtdeş doganlarynyň we uýalarynyň, agtyklarynyň, atasynyň, enesiniň), olar bolmadyk mahalynda merhumyň başga garyndaşlarynyň ýa-da kanuny wekiliniň ýazmaça arzasy, ýa-da merhumyň diri wagtynda ýazmaça beýan eden islegi bolan mahalynda autopsiýa geçirilmeýär.

Autopsiýanyň ýatyrylmagyna aşakdaky ýagdaýlarda ýol berilmeýär:

1) zorlukly ölen diýlip şübhelenilmegi;

2) ölüme getiren keseliň jemleýji kliniki kesel kesgitlemesini bellemegiň ýa–da ölümiň gös–göni sebäbini anyklamagyň mümkin bolmazlygy;

3) saglygy goraýyş edarasynda ölen syrkawa bir gije-gündizden az ýatymlaýyn şertlerde saglygy goraýyş kömeginiň berilmegi;

4) derman serişdeleriniň, waksinalaryň, syworotkalaryň, ganyň ýa-da onuň düzüm bölekleriniň artyk berilmegine ýa-da götermeýänligine şübhelenilmegi;

5) şular bilen baglanyşykly ölmegi:

a) lukmanyň ýalňyşy netijesinde ölen diýlip şübhelenilmegi;

b) ýokanç keselden ýa-da oňa şübhelenilmegi;

ç) çişiň gistologik werifikasiýasynyň bolmazlygynda onkologik keseliň bolmagy;

d) ekologik heläkçiligiň netijesinde ýüze çykýan kesellerden;

e) göwreliligi, çaga dogurmagy, çaga dogrumdan soňky döwri;

ä) düwünçegiň perinatal (ýigrimi iki hepde göwrelilikden doglandan soňky ýedi senenama gününe çenli) we postneonatal (ömrüniň ýedi gününden ýigrimi sekiz senenama gününi goşup) heläk bolmagy.

9. Zorlukly ölüme şübhe bolanda ýa-da ölüm saglygy goraýyş edaralaryndan daşary abort edilenden soň bolanda, lukmançylyk gözegçiliginde durmadyk çagalaryň duýdansyz ölüminde hem-de şahsyýeti anyklanylmadyk adamlar ölende ölüm hakynda şahadatnama diňe autopsiýa barlagy geçirlenden soň kazyýet-lumançylyk bilermeni tarapyndan doldurylýar.

10. Saglygy goraýyş edarasynda dispanser hasapda duran gartaşan ýa-da hroniki keselli adamlar ölen halatlarynda, ölüm hakynda şahadatnama maşgala lukmanlary (feldşer) tarapyndan jesediň daşky seredişinden soň, ölümiň barlygy tassyklananda, zorlukly ölümiň alamatlary bolmadyk ýagdaýynda, saglygy goraýyş resminamalarynda näsagyň ölmezinden öňki ýagdaýyny görkezýän ýazgylaryň esasynda berilýär.

11. Saglygy goraýyş edarasynda yzygiderli dispanser hasapda durmadyk hroniki keselli garry adamlar ýogalan halatlarynda, ölüm hakynda şahadatnama maşgala lukmanlary (feldşer) tarapyndan jesediň daşky seredişiň esasynda zorlukly ölümiň alamatlary bolmadyk ýagdaýynda berilýär.

12. Eger-de, näsag, „Tiz kömek“ gullugynyň lukmanlarynyň kömek bermek maksady bilen öýüne barandan soň ýa-da hassahana alyp gaýdylanda ýolda ölen bolsa, daşky seredişiň beýanlarynyň esasynda „ölümiň sebäbi anyklanylmady“ diýen ýazgy bilen ölüm hakynda şahadatnama „Tiz kömek“ gullugynyň lukmany tarapyndan doldurylýar.

13. Aýratyn ýagdaýlarda, kazyýet-lukmançylyk barlagy milli däp-dessurlara eýerip geçirilmedik halatlarynda, kazyýet-lukmançylyk bilermenine, jesediň daşky seredişiniň esasynda, „ölümiň sebäbi anyklanylmady“ diýen ýazgy bilen ölüm hakynda şahadatnamany bermeklige ygtyýar berilýär.

14. Tebigy, tehnogen we beýleki köpçülikleýin adam pidasy bolan betbagtçylyklarda, kazyýet-lukmançylyk bilermenine kazyýet-lukmançylyk barlagyny geçirmezden, jesediň daşky seredişiniň esasynda, ölümiň sebäbini görkezmek bilen ölüm hakynda şahadatnamany bermeklige rugsat berilýär.

15. Ölüm lukman (feldşer ýa–da başga saglygy goraýyş işgäri) tarapyndan takyklanylman ölüm hakynda şahadatnamany gaýybana doldurmak gadagan edilýär.

Aýratyn ýagdaýlarda, Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 263–nji maddasynyň birinji bölegine laýyklykda, amaly lukmanlar kazyýet-lukmançylyk bilermeni hökmünde jesediň daşky seredişine gatnaşmaklyga çekilýärler, emma ölüm hakynda şahadatnama “ölümiň sebäbi anyklanylmady” diýen ýazgy bilen kazyýet-lukmançylyk bilermeni tarapyndan doldurylýar.

16. Ölüm hakynda şahadatnama RÝNÝ edaralarynda diňe ölümi döwlet belligine almak üçin tassyklaýjy resminama bolman, şeýle hem ölümiň sebäplerini döwlet belligine alnyşynyň wajyp statistik resminamasy bolup durýar.

Ölüm hakynda şahadatnama „gutarnykly“, „deslapky“, „deslapkynyň ýerine“ diýen belligi bilen berilýär we RÝNÝ edarasynda ölümi döwlet belligine almak hem–de wagtynda merhumy jaýlamak üçin berilýär.

17. „Deslapky“ diýen bellik bilen ölüm hakynda şahadatnama, ölümiň sebäbini anyklamak ýa-da takyklamak üçin goşmaça barlaglaryň geçirilmeginiň gerek bolan ýagdaýynda ýa-da ölüm hakynda şahadatnamanyň berlen pursadynda ölümiň görnüşi (önümçilikde däl ýa-da onuň bilen bagly betbagtçylyk, öz janyna kast etmek) anyklanylmadyk, emma ony soňundan anyklamak mümkinçiligi bolan halatlarynda berilýär.

18. Ölümiň sebäbi we görnüşi anyklanandan soň, „deslapkynyň ýerine“ diýen bellik bilen täze ölüm hakynda şahadatnama düzülýär.

„Gutarnykly“ diýen bellik bilen ölüm hakynda şahadatnama berlen bolsa, emma soňra ölümiň sebäbi görkezmeklikde ýalňyşlyk ýüze çykarylan halatynda, „gutarnyklyň ýerine“ diýen bellik edip, täze ölüm hakynda şahadatnama düzülýär.

„Deslapkynyň ýerine“ ýa-da „gutarnyklyň ýerine“ diýen bellik bilen ölüm hakynda şahadatnama berlende öňki ölüm hakynda şahadatnamanyň belgisi we berlen senesi goýulýar hem-de saglygy goraýyş edarasy tarapyndan gös–göni sebitleýin (welaýatlar we Aşgabat şäheri) statistika edarasyna bir aýdan gijä galman tabşyrylýar.

„Deslapkynyň ýerine“ ýa-da „gutarnyklynyň ýerine“ diýen bellik bilen ölüm hakynda şahadatnamalar ölümiň sebäpleriniň statistik işläp taýýarlamalarynda ulanylýar.

19. Saglygy goraýyş edarasynyň ýolbaşçysy ölüm hakynda şahadatnamalaryň dogry doldurylşyna, olaryň öleniň garyndaşlaryna we şu Düzgünnamanyň ýedinji böleginde görkezilen beýleki şahslara öz wagtynda berlişine gözegçilik etmelidir. Şeýle hem, ölen adam, saglygy goraýyş edarasy tarapyndan jaýlanylan halatynda, ölüm hakynda şahadatnamanyň RÝNÝ edaralaryna berlişine we ölümiň döwlet belligine alynmagy üçin saglygy goraýyş işgärleri tarapyndan degişli işleriň geçirilşine gözegçiligi amala aşyrmalydyr.

20. Ölüm hakynda şahadatnamalaryň blanklary saglygy goraýyş edarasynyň ýolbaşçysynda, onuň orunbasarynda ýa-da ýörite bellenen jogapkär işgärinde saklanýar, şeýle hem olarda berlen ölüm hakynda şahadatnamalarynyň bölekleri saklanýar. Böleklerdäki ýazgylar ölüm şahadatnamanyň degişli bentlerindäki edilen ýazgylara doly gabat gelmelidir.

Saglygy goraýyş edarasy tarapyndan berlen ölüm hakynda şahadatnamalaryň hasaby Ölüm hakynda lukmançylyk şahadatnamalary hasaba alyş kitabynda (714/h) her görnüş (106/h, 106-2/h) üçin aýratyn ýöredilýär.

Kitabyň her görnüşi boýunça saglygy goraýyş edarasynda biri tutulýar.

Ölüm hakynda şahadatnamalaryň blanklary kitapça görnüşinde çatylýar (bu ölüm hakynda şahadatnamalaryň kitapçasy diýip atlandyrylýar), belgilenilýär we ýolbaşçy tarapyndan gol çekilip möhürlenýär.

Saglygy goraýyş edarasynyň hasabaty üçin ulanylýan ölüm hakynda şahadatnamalaryň bölekleri ölüm hakynda şahadatnamanyň berlen senenama ýylyndan soň 25 ýylyň dowamynda saklanylmalydyr we möhleti dolandan soň bellenen tertipde ýok edilmäge degişlidir.

21. Ölüm hakynda şahadatnamalaryň nädogry doldurylan blanklarynyň we olara degişli bölekleriň üsti çyzylyp, ýüz tarapynda “Zaýalanan” diýen ýazgy edilýär we ölüm hakynda şahadatnamalaryň kitapçasynda galdyrylýar.

22. Welaýat, şäher (etrap) saglygy goraýyş edaralarynyň ýolbaşçylary, RÝNÝ edarasyna tabşyrlan ölüm hakynda şahadatnamalaryň doldurylşynyň hiline aýma-aý derňew geçirmek üçin jogapkär lukmany belleýärler.

Jogapkär lukman ölüm hakynda şahadatnamalarynyň nädogry doldurylşyny ýüze çykaran halatynda:

1) ölüm hakynda şahadatnamany dolduran lukmandan (feldşerden) saglygy goraýyş resminamalardaky maglumatlary anyklamalydyr we şu Düzgünnamanyň on sekizinji böleginiň ikinji tesiminde görkezilişi ýaly, „gutarnykly“, „deslapky“, „deslapkynyň ýerine“ ölüm hakynda şahadatnamanyň dogry düzülmegini üpjün etmelidir;

2) nädogry doldurylan ölüm hakynda şahadatnamalarynyň saglygy goraýyş edaralaryň maslahatlarynda seredilmegini üpjün etmelidir.

23. Ölüm hakynda şahadatnamanyň berlendigi barada degişli maglumatlar (berlen senesi, belgisi, ölümiň sebäbi, Keselleriň halkara statistiki klassifikatorynyň 10-njy gaýtadan seredilşi (mundan beýläk – HKSK-10) boýunça kody) ilkinji saglygy goraýyş resminamalarynda (Ýatymlaýyn bejergi alýan näsagyň lukmançylyk kartasy (003/h), Dogrumyň taryhy (096/h), Gatnaw bejergi alýan näsagyň lukmançylyk kartasy (025-112/h) görkezilýär.

## III. Ölüm hakynda şahadatnamanyň doldurylşynyň tertibi

24. Ölüm hakynda şahadatnama döwlet dilinde, gök reňkde syýaly ruçka bilen, düşnükli ýazyşda ýa–da kompýuter tehnologiýalaryny ulanmak arkaly doldurylýar, onda gysgaltmalara ýol berilmeýär.

Aýratyn ýagdaýlarda, ölüm hakynda şahadatnamanyň ýazgysyna üýtgetmeler, goşmaçalar we (ýa–da) düzedişler girizilen mahalynda „üýtgetmelere, goşmaçalara we (ýa-da) düzedişlere ynanmaly“ diýen (degişlisini saýlap) ýazgy edilip, düzedişleri girizen şahsyň goly we saglygy goraýyş edaranyň möhri bilen tassyklanylýar. Ölüm hakynda şahadatnamada ikiden köp düzediş girizmeklige ýol berilmeýär. Ölüm hakynda şahadatnamada ikiden köp düzedişler ýa-da goşmaçalar giriziljek bolsa, onda täze ölüm hakynda şahadatnama doldurylýar.

25. Ölüm hakynda şahadatnama maglumatlary ýazmak ýa–da degişli bellikleriň aşagyny çyzmak arkaly doldurylýar.

26. Degişli maglumatlaryň bolmadyk halatynda „belli däl“, „anyklanylmady“ diýen ýazgylar ýazylýar. Ölüm hakynda şahadatnamanyň her bir bendiniň dogry we doly doldurylmagy anyk statistik hasabatyny üpjün edýär.

27. Ölüm hakynda şahadatnamany we onuň bölegini doldurmazdan öň şahadatnamanyň tertip belgisi görkezilýär we doldurylýan şahadatnamanyň häsiýeti: „gutarnykly“, „deslapky“, „deslapkynyň ýerine“ diýen ýazgylaryň degişlisiniň aşagy çyzylýar.

28. Ölüm hakynda şahadatnamanyň 1-nji, 3-nji, 5-nji, 11-nji bentlerinde ýazgylar öleniň pasportynyň (ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasynyň), onuň bolmadyk halatynda – bar bolan resminamalaryň esasynda ýazylýar.

29. 13-nji bentde ölüm ýagdaýy anyklanylandan soň, ölümiň sebäbi (kesel, betbagtçylyk we ş.m.) görkezilýär. Eger-de, ölümiň görnüşini anyklamak mümkinçiligi bolmasa, „ölümiň görnüşi takyklanmadyk“ diýen ýazgynyň aşagy çyzylýar.

30. 15-nji bentde ölüm hakynda şahadatnamany dolduran lukman (feldşer) özüniň familiýasyny, adyny we wezipesini görkezýär, ölüme sebäp bolan patologik ýagdaýlaryň yzygiderliligini kiçi bentlerde belleýär.

Bu bentdäki ölümiň sebäpleriniň ýazgylary Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň tekliplerine laýyklykda düzülýär.

Jemleýji kliniki kesel kesgitlemesinden ölümiň bir ilkibaşdaky sebäbi saýlanýar. Ölümiň ilkibaşdaky (esasy) sebäbi – bu hadysalar toplumyny döreden we gös-göni ölüme getiren kesel ýa-da şikes bolup durýar.

31. Ölümiň sebäbini lukman (feldşer) ölüm hakynda şahadatnamanyň 15-nji bendiniň I-II-nji bölümlerinde ýazýar. I-nji bölüm dört kiçi bentlere (a, b, ç, d) bölünip, olarda ölümiň ilkibaşdaky sebäbi ýazylýar. Bu bölümde etiologik we patogenetik baglanyşykly keseller görkezilýär.

„a” kiçi bentde – ölümiň gös-göni sebäbi, ýagny ölüme getiren kesel ýa-da keseliň gaýra üzülme ýagdaýy görkezilýär;

„b” we „ç” kiçi bentlerde – ölümiň gös-göni sebäbi bilen şertlendirilen gaýra üzülmeleri görkezilýär.

„d” kiçi bentde – ölümiň esasy sebäbi ýa-da şikeslerde (zäherlenmelerde) daşky sebäbi görkezilýär we HKSK-10 boýunça kody bellenilýär.

Her kiçi bentde bir kesel ýazylmalydyr.

II-nji bölümde ölüm pursadynda bar bolan, esasy keseliň geçişine täsir eden ýagdaýlar we ölümiň sebäbi bilen baglynyşykly bolmadyk, ýöne ölümiň bolmagyna ýardam eden ýagdaýlar, beýleki wajyp keseller (fon, bäsdeş, ugurdaş keseller) bellenilýär.

II-nji bölümde, lukmanyň (feldşeriň) pikiri boýunça ölüme degişliligi bolan geçirilen operasiýalar we beýleki lukmançylyk gatyşmaklar (ady, senesi) görkezilýär; ganyň düzüminde alkogolyň, neşe, psihotrop we zäherli maddalaryň ulanmaklygyň bardygy görkezilýär.

32. Keseliň kesgitlemesi ýazylanda nätakyklyklara, umumy görkezmelere we nyşanlara ýol berilmeli däldir. Meselem: pnewmoniýa, nefrit, abssess, böwrek sanjysy we ş.m. Hökman keseliň görnüşi, döwri, ýerleşýän ýeri görkezilmelidir. Meselem: Ojaklaýyn pnewmoniýa, ýiti (dowamly) nefrit, dilasty abssess, öýkeniň fibroz-köwekli inçekeseli, peşew-daş keseli we ş.m.

Ölümiň mehanizmlerine degişli bolan alamatlary we ýagdaýlary ölümiň esasy sebäbi hökmünde bellemeklik maslahat berilmeýär. Meselem, ähli ölenlerde duş gelýän ýürek we dem alyş ýetmezçiligi.

Eger-de, ölümiň saýlap alnan sebäpleri HKSK-10 XVIII klasyna „Beýleki bölümlerde klassifisirlenmedik kliniki we laborator barlaglarda ýüze çykarlan simptomlar, alamatlar we kadadan çykmalar” degişli bolsa, onda ölümiň sebäbini täzeden saýlap almaly, bu R-95 „Emdirilýän çaganyň duýdansyz ölümi” rubrikasyna degişli däldir.

33. Ölüm hakynda şahadatnama ölen aýala doldurylanda, eger-de, onuň ölümi göwrelilik döwri ýa-da onuň tamamlanandan soň 42 günüň dowamynda bolan, göwreliligiň dowamlylygyna garamazdan ýa-da göwrelilik bilen baglanyşykly, göwreliligiň ýa-da onuň alnyp barylmagy bilen agyrlaşan haýsy-da bir sebäpden bolsa, ýöne şikesden ýa-da tötenden dörän sebäpden bolmadyk ýagdaýynda, aşakda görkezilen tertip boýunça ýazmak maslahat berilýär.

I-nji bölümiň „a”, „b”, „ç”, „d” kiçi bentlerinde göwreliligiň, dogrumyň ýa-da dogrumdan soňky döwrüniň akuşer gaýra üzülmelerinden, şeýle hem geçirlen çärelerden,

dogrumy nädogry alnyp barylmagyndan we ş.m. bolan ölümiň sebäbi baradaky maglumatlar ýazylýar.

Ýazgy göwrelilik, dogrum, dogrumdan soňky döwür bilen baglylygyny görkezmelidir.

Eger-de, göwreli, dogurýan ýa-da doguran aýallaryň ölümi akuşer sebäpleri bilen gös–göni bagly bolmadyk, ýöne göwreliligiň fiziologik täsirinden agyrlaşan, öň bar bolan ýa-da göwrelilik döwründe dörän keseller (diabet, ýürek-damar keseli, inçekesel we beýlekiler) netijesinde bolan bolsa, ölümiň sebäbi baradaky maglumatlar şeýle hem I-nji bölümiň „a”, „b”, „ç”, „d” kiçi bentlerinde ýazylýar, ýöne bu ýerde II-nji bölümde göwrelilik we onuň möhleti barada ýazgy edilýär.

Aýalyň dogrumdan soňky döwürde 42 günüň dowamynda ölen halatlarynyň ählisinde II-nji bölüminde: güni, dogrumdan soňky döwür ýazgysy edilýär.

Mundan başga-da, ölüm şahadatnamasynyň 10-njy bendinde ölümden öň 42 günüň dowamynda göwreliligiň bolanlygy bellenilýär.

34. Ölüm betbagtçylyk, zäherlenme ýa-da şikes ýetme sebäpli bolan ýagdaýlarda maglumatlar 16-njy bentde anyk görkezilýär: ýeten şikesiň (zäherlenmäniň) senesi (güni, aýy, ýyly); betbagtçylyk önümçilik bilen bagly däl bolsa, şikesiň görnüşi (öýde, köçede (ulagsyz) ýeten şikes, ýol-ulag şikesi, mekdepde ýeten şikes, sport bilen baglanyşykly şikes we başgalar); şikes we zäherlenme haýsy ýagdaýlarda we nirede bolandygy görkezilýär.

35. 17-nji bentde ölüm hakynda şahadatnamany beren saglygy goraýyş edarasynyň ady, ony dolduran lukmanyň (feldşeriň) familiýasy, ady, atasynyň ady görkezilýär, goly goýulýar, saglygy goraýyş edarasynyň ýolbaşçysynyň familiýasy, ady, atasynyň ady görkezilip, onuň goly we edaranyň möhri bilen tassyklanýar.

## IV. Perinatal ölüm hakynda şahadatnamanyň doldurylşynyň tertibi

36. Perinatal ölüm hakynda şahadatnama her bir öli doglan ýa-da doglandaky agramy 500 gr. we ondan ýokary bolan (eger-de doglanda agramy belli däl bolsa, boýy 25 sm we ondan ýokary, göwreliligiň möhleti 22 hepde we ondan ýokary bolsa) ýaşaýşyň birinji hepdesinde (0-6 gije-gündiz ýa-da 168 sagat) ölen çagalara ähli saglygy goraýyş edaralary tarapyndan berilýär.

37. Köp düwünçekli dogrumda bäbekleriň ölümi bolan ýagdaýynda perinatal ölüm hakynda şahadatnama her çaga (düwünçege) aýratyn doldurylýar.

38. Perinatal ölüminiň bolan ýagdaýlarynyň ählisinde sebäplerini kesgitlemek üçin jesediň autopsiýa barlagy hökmany geçirilýär.

39. Perinatal ölüm hakynda şahadatnama patologoanatom tarapyndan autopsiýa barlagy geçirlen güni doldurylýar, ejesiniň, çaganyň göwrelilik döwründe we dogrum wagtynda patologiýasy barada kliniki maglumatlar saglygy goraýyş resminamalaryň ýazgylaryndan alynýar (Dogrumyň taryhy (096/h), Bäbegiň ösüş taryhy (097-1/h).

Saglygy goraýyş işgärleriniň gatnaşmazlygynda geçirlen dogrumlarda çaganyň öli doglan ýagdaýynda ýa-da gözegçilikde bolmadyk göwrelilikden doglan çaganyň birinji hepdesinde (168 sagat) ölen ýagdaýynda, jesediň autopsiýa barlagy kazyýet-lukmançylyk bilermeni tarapyndan geçirilýär hem-de onuň tarapyndan perinatal ölüm hakynda şahadatnama doldurylýar.

40. Ölüm lukman (feldşer ýa-da başga saglygy goraýyş işgäri) tarapyndan takyklanylman perinatal ölüm hakynda şahadatnamany gaýybana doldurmak gadagan edilýär.

41. Öli doglan hem-de ilkinji 0-6 gije-gündizde (168 sagat) ölen çagalaryň RÝNÝ edaralarynda bellige alynmagy, öli doglan we çaganyň ölümi bolan bejeriş-öňüni alyş edaralary tarapyndan; dogrum öýde kabul edilen ýagdaýynda – dogrumy kabul eden ýa-da çaganyň ölümini tassyklan saglygy goraýyş işgäriniň işleýän edarasy; şu Düzgünnamanyň 39-njy böleginiň ikinji tesiminde görkezilen ýagdaýlarynda – kazyýet–lukmançylyk edarasy tarapyndan geçirilýär.

Öli doglan çaga RÝNÝ edaralarynda perinatal ölüm hakynda şahadatnamanyň esasynda döwlet belligine alynýar.

Doglandan soň birinji hepdesinde (168 sagat) ölen çagalaryň dogluşy Dogluş hakynda lukmançylyk şahadatnamasynyň (103/h), soňra ölümi Perinatal ölümi hakynda lukmançylyk şahadatnamasynyň (106-2/h) esasynda RÝNÝ edaralarynda döwlet belligine alynýar.

Öli doglan we doglandan soň birinji hepdesinde (168 sagat) ölen çagalaryň jesedi garyndaşlary tarapyndan soralmadyk ýagdaýynda, olary jaýlamak işi saglygy goraýyş edaralary tarapyndan geçirilýär.

42. Perinatal ölüm hakynda şahadatnama RÝNÝ edaralaryna “gutarnykly”, “deslapky” hem-de “deslapkynyň ýerine” diýen bellik bilen berilýär. Adatça, perinatal ölüm hakynda şahadatnamany “gutarnykly” diýen bellik bilen berilýär, emma käbir halatlarda ölüm ýagdaýlary barada ýazgylaryň dogrulylygyny üpjün etmek we RÝNÝ edaralarynda ölümi bellige alynmagynyň saklanmazlygy maksady bilen, ölüm hakynda şahadatnama “deslapky” diýen bellik bilen berlip bilner (mysal üçin, goşmaça barlagyň geçirilmeginiň zerurlygy ýüze çyksa ýa-da ölümiň sebäbi takyklanmadyk, ýöne geljekde takyklanmak mümkinçiligi bolsa).

43. Saglygy goraýyş edarasynyň ýolbaşçysy, perinatal ölüm hakynda şahadatnamanyň doldurylşynyň hiline gözegçiligini, dogulandan soň birinji hepdesinde ölen (ýa-da öli doglan) çaganyň RÝNÝ edaralarynda öz wagtynda bellige alynmagyny üpjün etmelidir.

Perinatal ölüm hakynda şahadatnama “gutarnykly” görnüşinde berlen bolsa, ýöne soňra kesel kesgitlemesinde ýalňyşlyk goýberlendigi ýüze çykarylan ýagdaýynda, sebitleýin (welaýatlar we Aşgabat şäheri) statistika edarasyna el bilen ýazylan “___belgili” perinatal ölüm hakynda şahadatnamanyň “ýerine” diýlen ýazgy bilen we gol çekilen gutarnykly perinatal ölüm hakynda şahadatnama iberilmelidir.

44. Saglygy goraýyş edaralarynyň ýolbaşçylary RÝNÝ edaralaryna gelen perinatal ölüm hakynda şahadatnamalaryň doldurylşynyň hilini her aý barlamak üçin ýörite lukman bellemelidirler. Perinatal ölüm hakynda şahadatnamalaryň doldurylşynyň dogrulygyny barlaýan jogapkär lukman, şol şahadatnamalaryň doldurylşynda ýalňyşlyk tapan halatynda:

1) perinatal ölüm hakynda şahadatnamany dolduran lukman (feldşer, akuşer) bilen bilelikde ilkinji saglygy goraýyş resminamalary boýunça maglumatlary anyklamaly hem-de dogry perinatal ölüm hakynda şahadatnamanyň ýazylmagyny üpjün etmelidir;

2) amaly lukmançylyk maslahatlarynda nädogry doldurylan perinatal ölüm hakynda şahadatnamalaryň derňewiniň geçirilmegini üpjün etmelidir.

45. Perinatal ölüm hakynda şahadatnamalar kitapçasyna çatylan perinatal ölüm hakynda şahadatnamalaryň blanklary hem-de olaryň bölekleri saglygy goraýyş edarasynyň ýolbaşçysynda, onuň orunbasarynda ýa-da ýörite bellenen jogapkär işgärinde saklanýar. Perinatal ölüm hakynda şahadatnamalar kitapçasy çatylýar, belgilenýär, möhür bilen tassyklanylýar.

Saglygy goraýyş edarasy tarapyndan berlen perinatal ölüm hakynda şahadatnamalaryň hasaby Ölüm hakynda lukmançylyk şahadatnamalary hasaba alyş kitabynda (714/h) ýöredilýär.

46. Perinatal ölüm hakynda şahadatnamalaryň bölekleri perinatal ölüm hakynda şahadatnamanyň berlen senenama ýylyndan soň 25 ýylyň dowamynda doldurylan ýerinde saklanylýar, soňra möhleti dolandan soň bellenen tertipde ýok edilýär.

Perinatal ölüm hakynda şahadatnamalaryň bölekleri saglygy goraýyş edarasynyň (kazyýet-lukmançylyk edarasynyň) hasabaty taýýarlananda, şeýle hem çaganyň ölüminiň (öli dogulmalaryň) sebäpleriniň derňewi geçirlende ulanylýar.

47. Nädogry doldurylan perinatal ölüm hakynda şahadatnamalaryň we olara degişli bölekleriň üsti çyzylyp, ýüz tarapynda „Zaýalanan” diýen ýazgy edilýär we perinatal ölüm hakynda şahadatnamalar kitapçasynda galdyrylýar.

48. Perinatal ölüm hakynda şahadatnamanyň belgisi we onda görkezilen ölümiň sebäbi Ösüş taryhynda (097-1/h), çaga öli dogulan ýagdaýynda Dogrumyň taryhynda (096/h) görkezilýär. Şol resminamalarda çaganyň dogluşynyň, ölüminiň haýsy RÝNÝ edarasynda döwlet belligine alnandygy, dogluş (ölüm) hakynda nama ýazgylaryň belgisi hem-de senesi görkezilýär.

## V. Perinatal ölüm hakynda şahadatnamanyň doldurylşynyň düzgünleri

49. Perinatal ölüm hakynda döwlet dilinde, gök reňkde syýaly ruçka bilen, düşnükli ýazyşda ýa-da kompýuter tehnologiýalaryny ulanmak arkaly doldurylýar, onda gysgaltmalara ýol berilmeýär.

50. Perinatal ölüm hakynda şahadatnamanyň doldurylşy maglumatlary ýazmak, degişli bentleriň kodlaryny tegelemek ýa-da çyzmak arkaly geçirilýär.

51. Doldurmakdan öň perinatal ölüm hakynda şahadatnamada we onuň böleginde perinatal ölüm hakynda şahadatnamanyň tertip belgisi we doldurylýan perinatal ölüm hakynda şahadatnamanyň häsiýeti barada şu bellik edilýär: “gutarnykly”, “deslapky”, “gutarnyklynyň ýerine”.

52. Perinatal ölüm hakynda şahadatnamanyň her bendiniň doly we dogry doldurylmagy, ölümiň döwlet belligine alynmagyny we ölümiň sebäpleriniň döwlet statistikasy üçin zerur maglumatlar bilen üpjün edýär. Perinatal ölüm hakynda şahadatnamanyň ähli bentleri doldurylmaly, emma käbir maglumatlaryň ýoklugynda „näbelli”, „nädogry” we ş.m. diýip ýazgy edilýär.

53. Perinatal ölüm hakynda şahadatnamanyň 1-nji, 2-nji, 3-nji we 4-nji bentlerinde ölen (öli doglan) çaganyň familiýasy, ady, jynsy, doglan we ölen (öli doglan) senesi görkezilýär.

54. 5-nji bentde çaganyň ölen (öli doglan) ýeri: (welaýaty, etraby, şäheri, obasy) we ölen (öli doglan) şertleri (hassahanada, öýde, başga ýerde ýa–da belli däl) görkezilýär.

55. 6-njy, 7-nji we 8-nji bentlerde ölen (öli doglan) çaganyň ejesi barada käbir maglumatlar: familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, milleti görkezilýär.

9-njy bentde çaganyň ejesiniň maşgala ýagdaýy barada maglumatlar, nikada durandygy babatda – onuň pasporty ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasy boýunça, onuň bolmadyk halatynda – bar bolan resminamalaryň esasynda ýa-da onuň sözünden nikanyň baglaşylan (RÝNÝ edarasynda bellige alnan) senesi we adamsynyň familiýasy, ady, atasynyň ady görkezilýär. Bu ýerde degişli ýazgynyň aşagyny çyzmak arkaly: “çaganyň ejesiniň pasporty ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasy boýunça ýa-da “sözünden” diýip

maglumatyň çeşmesi görkezilýär. Eger-de, çaganyň ejesi görkezilen maglumatlary bermese, onda “belli däl” diýip aşagy çyzylýar.

10-njy, 11-nji we 12-nji bentlerde ölen (öli doglan) çaganyň ejesiniň ýaşaýan ýeri, bilimi, işleýän ýeri, wezipesi ýa-da hünäri görkezilýär. 12-nji bent doldurylanda kärhananyň, edaranyň, guramanyň ady doly görkezilýär. Ejesi işlemeýän ýagdaýynda, kimiň eklenjinde ýaşaýandygy (adamsynyň, kakasynyň we ş.m.) görkezilýär.

Çaganyň neonatal döwründe çaga dogrulýan bölüminde ölen ýagdaýynda, çaga dogrulýan bölüminiň saglygy goraýyş işgärleri çaganyň ölüminiň döwlet belligine alynmagy barada RÝNÝ edaralaryna arza bilen ýüz tutýarlar we şunuň bilen bagly degişli işleri geçirýärler.

56. Perinatal ölüminiň sebäpleriniň doly we jikme-jik ýazgy görnüşi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan döwlet statistikasynyň çäklerinde amala aşyrylýan ilatyň, perinatal ölüminiň hakyky sebäplerini kesgitlemek üçin zerur bolup durýar.

Perinatal ölüm hakynda şahadatnama Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň teklibine laýyklykda düzülýär we çaganyň ölüminiň sebäbiniň ýazgysyny, şeýle hem düwünçege ýaramaz täsirini ýetiren ejesiniň beden tarapyndan patologiýasynyň sebäbiniň ýazgysyny göz öňünde tutýar.

Çaganyň ölüminiň (öli doglanyň) sebäpleriniň ýazgysy „a”-dan „e” çenli harplar bilen belgilenen bäş kiçi bentleri boýunça geçirilýär.

1) „a” kiçi bentde - çaganyň (düwünçegiň) esasy keseli ýa-da patologik ýagdaýy (bir kesel görkezilýär);

2) „b” kiçi bentde - çaganyň (düwünçegiň) başga keselleri ýa-da patologik ýagdaýlar (birnäçe kesel görkezilýär);

3) „ç” kiçi bentde - çaganyň (düwünçegiň) ölümine sebäp bolan ejesiniň esasy keseli ýa–da patologik ýagdaýy (çaga ýoldaşynyň ýagdaýy) (bir kesel görkezilýär);

4) „d” kiçi bentde - çaganyň (düwünçegiň) ölümine sebäp bolan ejesiniň başga keselleri ýa-da patologik ýagdaýlary (çaga ýoldaşynyň ýagdaýy) (birnäçe kesel görkezilýär);

5) „e” kiçi bendi ölümiň bolmagyna täsir eden, ýöne ejesiniň ýa-da çaganyň keseli ýa-da patologik ýagdaýy ýaly klassifisirläp bolmaýan ýagdaýlary takyklamak üçin göz öňünde tutulan. Bu kiçi bentde çagany dogurtmak üçin geçirlen operasiýalar, operatiw gollanmalar barada ýazgylar edilip bilner.

„a” we „ç” kiçi bentlerinde diňe bir keseliň kesgitlemesi ýazylýar we HKSK–10 boýunça kody bellenilýär. Çaganyň (düwünçegiň) ölümine sebäp bolan ejesiniň esasy keselini ýa-da ýagdaýyny (çaga ýoldaşynyň ýagdaýyny) anyklamak mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda, „ç” we „d” kiçi bentlerde „belli däl”, „anyklanylmady” diýip ýazylýar, çyzyk goýulmaýar; kodirlemek üçin „ç” kiçi bentde emeli XXX.X kod goýulýar.

Şikeslerden we zäherlenmelerden ölüm ýagdaýynda (aşa sowamak, ýanyk, ýokary dem alyş ýollarynyň iýmit bilen dykylmagy, kelle çanagyň esasynyň döwülmegi we ş.m.) üç kod goýulýar: birinji - „a” kiçi bentde çaganyň ýa–da öli doglanyň şikesiniň häsiýeti boýunça; ikinji - „ç” kiçi bentde ejesiniň esasy keseliniň kody; üçünji - „e” kiçi bentde daşky sebäbiň kody.